USAID
ОТ АМЕРИКАНСКОГО НАРОДА

IREX
www.irex.org

# Microsoft PowerPoint-2007
# Başlangyç kurs

PICTT taslamasy ABŞ-nyň Halkara Ösüş boýunça Agentligi (USAID) tarapyndan maliýeleşdirilýär,
halkara ylmy-barlag we alyş-çalyşlar boýunça Geňeş (IREX) tarapyndan administrirlenýär.

# Mazmuny


I. Iş kitabynyň gurluşy. 3
II. Täze prezentasiýalary döretmek: 3
III. Prezentasiýany kompýuteriň huşunda saklatmak: 3
IV. Slaýdlary görkezmekligiň ýagdaýlary: 4
V. Slaýdlar bilen işler: 4
*Täze slaýdy goýmak.* 4
*Slaýdalaryň tertibini üýtgetmek (olary bir ýerden başga bir ýere süýşürmek).* 5
*Slaýdlary görkezmeligiň öz tertibimizi döretmek.* 5
VI. Maglumatlary goşmak: 7
*Tekst bölegini (ýazgyny) goşmak we ony düzetmek.* 7
*Sütüniň ululygyny üýtgetmek.* 8
*Sütüniň häsiýetlerini üýtgetmek* 8
*Sütüni aýyrmak (pozmak)* 8
*Markerlenilen we sanly sanawy düzmek.* 8
*Sanly sanawy döretmek markerli sanawy döretmek ýaly bolup ol aşakdaky görnüşde şekillendirilýär* 9
*Ýatlatmak üçin belligi goşmak* 10
*Prezentasiýa wideo ýa-da saz faýlyny goşmak* 10
VII. Reňkleriň paýlanylyşynyň çyzgysy. 11
*Reňk çyzgysyny bellemek* 11
*Slaýdyň düşegini bellemek* 12
VIII. Çyzgy (grafik) bölekler bilen işlemek: 12
*Kompýuteriň huşuna öndüriji zawod tarapyndan goýlan suratlary goşmak.* 13
*Surady faýldan goýmak.* 14
*Göwrümli WordArt teksti goýmak.* 14
IX. Slaýda ýörite effektleri goşmak: 15
*Düwmeleriň goýulmagy* 15
*Şekillere animasiýany goşmak* 15
*Slaýdlaryň arasyndaky geçişlerde animasiýany goşmak (Slide Transitions)* 16
*Prezentasiýalaryň görkezilişini düzmek.* 16

# I. Iş kitabynyň gurluşy.




# II. Täze prezentasiýalary döretmek:

***PowerPoint*** (PP) programmasynda prezentasiýalary döretmegiň birbäçe usullary bar:

1. ***“Macmep”*** ulanmak bilen;
2. ***Taýar şablonlary*** ulanmak bilen;
3. Ýok ýerden gaýtadan döretmek.

Biz olaryň bir görnüşine ýagny, taýar şablonlary ulanmak arkaly Prezentasiýalaryň döredilişine seredip geçeliň.

1. ***Главная→Создать…*** buýrugyny berenimizde, aşakdaky menýu çykar.




2. Soňra ***OK*** düwmesini basmaly.

# III. Prezentasiýany kompýuteriň huşunda saklatmak:

Prezentasiýany kompýuteriň huşunda saklatmak – Prezentasiýa döredilenden soňra, esasy çäreleriň biri hasaplanylýar. Prezentasiýany wagtynda huşa salmaklygy ***UNUTMAŇ***, çünki kompýuter birden sönen wagty huşda saklanylmadyk maglumatlar ýiter, olary dikeldip bolmaz.

Prezentasiýany kompýuteriň huşuna salmak üçin ***Office düwmesinde***  ***→Сохранить buýrugyny*** basyň, ilkinji gezek bu amaly ýerine ýetirlende, monitorda dialog äpişgesi çykyp, ol sizden Prezentasiýany nirä saklamaklygy we onuň adyny sorar. Hiç-hili jogap berilmän, göni ***Сохранить düwmesi*** basylan halatynda, Prezentasiýa awtomat usulda ***Презентация1*** ady bilen ***Мои документы*** bukjasyna geçiriler.




**Soraglar:**

1. **Iş kitabynyň** gurluşyny düşündiriň.
2. Täze prezentasiýany döretmeklgiň usullaryndan birini düşündiriň.
3. Prezentasiýaňyz üçin taýar şablony nädip tapmaly?
4. Prezentasiýany kompýuteriň huşunda saklatmak işini düşündirň.

**Amaly ýumuşlar:**

1. Täze Prezentasiýany açyň we **«işiň gidişi hakynda nutuk** (доклад о ходе работы)» atly şablony saýlaň.
2. Döredilen prezentasiýany **iş stolunda «Meniň prezentasiýam** (Моя презентация)» ady bilen sakladyň.

---

## IV. Slaýdlary görkezmekligiň ýagdaýlary:

Programmada slaýdlary görkezmekligiň 3 ýagdaýy bar, olar: ***adaty***, ***slaýdlary sortirowka ediji***, şeýle hem ***slaýdalary görkeziji.***

Bu  panel – aşakda, sag burçda ýerleşýär. Slaýdlary görmekligiň ol görnüşinden başga bir görnüşine geçmek üçin, gerek düwmä basyň. Eger käbir sebäplere görä, sizde bu panel ýok bolsa, onda ***Вид →Обычный*** menýusyndan peýdalanmaly.




## V. Slaýdlar bilen işler:

Bu bölümde slaýdlar bilen nädip işlemeklige, ýagny, täze slaýdy nädip goýmaly, bellenilen slaýda şablony bellemek we ş.m. ýaly işlere seredeliň.

### *Täze slaýdy goýmak.*

1. Yzyndan täze slaýd goýuljak slaýdy çep gapdalda ýerleşen äpişgeden saýlaýaň.




2. ***Главное menýsyunyň →Создать слайд*** buýrugyny ýerine ýetiriň;
3. Slaýdalaryň görnüşlerini özünde jemleýän äpişge aşakdan çykar, bu äpişgeden täze slaýdyň  görnüşini saýlaň;




Slaýdyň görnüşini prezentasiýa döredilýan döwründe, şeýle hem onuň bilen işlenilýan döwürde saýamak bolar.

## *Slaýdalaryň tertibini üýtgetmek (olary bir ýerden başga bir ýere süýşürmek).*

Slaýdlaryň tertibini üýtgetmek üçin aşakdaky buýruklary çagyrmaly.
1. Slaýdlary görmekligiň **slaýdlary sortirowka ediji** ýagdaýyna geçiň.
2. Size zerur slaýdy belläň we ony syçanjygyň kömegi süýşiriň;




## *Slaýdlary görkezmeligiň öz tertibimizi döretmek.*

Slaýdlaryň görkeziliş tertibini öz islegimiz boýunça bellemek üçin, aşakdaky amallary ýerine ýetirýäris:
1. ***Показ слайдов*** menýusynda ***→Произвольный Показ*** diýen bölümi saýlaýarys;
2. ***Создать*** düwmesini basýarys. (ol aşakda şekillendirilen);




3. ***Задание произвольного показа*** diýlen özara gepleşik äpişgesi iki bölekden ybarat bolup, çep äpişgede slaýdlar ilkibaşlangyç tertibinde, sag äpişgede görkezmekligiň öz islegimiz boýunça tertibinde ýerleşdirilen, bu äpişgeler aşakda getirilýär.




a. täze bellenilýän tertibimize ***Имя произвольного показа*** diýlen ýerde at giriziň;
b. slaýdlary täze bellenilen görkeziliş tertibine (sagdaky sanawa) geçirmek üçin çep tarapdaky sanawda slaýdyň adyny belläň we ***Добавить>>*** düwmesini basyň;
c. sagdaky sanawdaky slaýdy aýyrmak (pozmak) üçin ***Удалить*** düwmesini basyň;
d. täze sanawymyzda slaýdlaryň ýerini çalyşmaklygy ↑ ýa-da ↓ düwmeleriň kömegi bilen amala aşyryň;
e. sanawymyz taýar bolandan soňra ***OK*** düwmesini basyň.

4. Soňra siziň döreden terttibiňizi görmek üçin ***Показать*** düwmesini ýa-da äpişgäni ýapmak üçin ***Закрыть*** düwmseini basyň.




Şeýlelik-de, biz slaýdlaryň görkezilişiniň öz islän tertibimizdäki sanawymyzy döredýäris.

**Soraglar:**

1. Siz slaýdlary görkezmegiň haýsy görnüşlerini bilýärsiniz?
2. Täze slaýdy döretmek işini düşündiriň.
3. Slaýdlaryň görkezilişiniň tertibini üýtgetmeklik işini nähili amala aşyryp bolar?
4. Slaýdlaryň görkezilişiniň öz tertibiňizi nähili amala aşyryp bolar?

**Amaly ýumuşlar:**

1. Öň döreden prezentasiýaňyzy açyň we slaýdlaryň görkezilmeginiň aşakdaky görnüşlerine:
   a. ***slaýdlary sortirowka ediji*** ýagdaýyna;
   b. ***slaýdalary görkeziji*** ýagdaýyna geçiň.

2. Üç sany täze slaýdlaryörediň.
3. 4-nji slaýdy 2-nji ýere geçiriň.
4. Slaýdlary görkezilişiniň öz tertibiňizi dörediň.

---

# VI. Maglumatlary goşmak:

## *Tekst bölegini (ýazgyny) goşmak we ony düzetmek.*

1. ***Вставка*** menýusynda ***Надпись*** guraly***.***




2. Syçanjygyň görkezijisiniň kömegi bilen çekiň
3. Teksti ýazyň (ol aşakrakda, suratda görkezilen)




   a. Tekstiň şriftini üýtgetmek üçin - ***Главная→Шрифт*** buýrugyny ýerine ýýetiriň;

   b. setirara aralygy üýtgetmek üçin ***Главная→Междустрочный интервал;***
   c. tekstiň harplaryny baş we setir harplara geçirmek üçin ***Главная→Регистр;***
   d. düýpli üýtgetmeleri geçirmek üçin ***Главная→Шрифт***;
   we emele gelen gepleşik menýusynda öz islegiňize görä amala aşyryp bilersiňiz.




Tekst sütüni (blogy) şeýle görüner.



## *Sütüniň ululygyny üýtgetmek.*

1. Ilki bilen sütüni belläň. Onuň üçin sütüniň üstünde durup, syçany basanyňyzda, sütüniň töwereginde 8 sany tutawaç çykar.
2. Syçanjygyň strelkasyny tutawaçlaryň birine getireniňizde, strelkanyň iki taraplaýyn strelkalara ***(***⇔, ⇕***)***öwrülenini görersiňiz.
3. Size syçanyň çep düwmesini basyp, ony goýbermezden saklap, gerek ugruňyza çekmeklik ýeterlikdir.

## *Sütüniň häsiýetlerini üýtgetmek*

1. Sütüniň üstünden syçanyň strelkesyny basyp, ony belläň.
2. Syçanyň sag düwmesini basyň, ***Формат автофигуры*** kiçi menýu çykar(aşakda surata serediň) . Bu menýunyň düzüm böleklerine geçiň...
   - ***Заливка –*** sütüni reňklemek
   - ***Цвет линии –*** araçäkleriň reňkini we häsiýetlerini üýtgetmek
   - ***Тип линии –*** çyzygyň görnüşlerini üýtgetmek
   - ***Тень –*** kölegäniň üstünde işlemek
   - ***Формат объемной фигуры –*** teksti oňarmak
   - ***Поворот объемной фигуры –*** teksti aýlamak
   - ***Рисунок –*** bu funksiýa işlemeýär
   - ***Надпись –*** sütüniň içinde ýerleşen tekstiň häsiýetlerini üýtgetmek
3. **OK** düwmesine basyň.




## *Sütüni aýyrmak (pozmak)*

1. Ilki syçany sütüniň üstünden basyp, oby belläň.
2. Soňra ***Delete*** düwmesini basyň.

## *Markerlenilen we sanly sanawy düzmek.*

Köplenç halatda slaýd döredilende, slaýdda sanawly maket goýulýar, ýöne eýýam döredilen slaýda sanaw goşmak üçin aşakdaky amallary ýerine ýetiriň.

1. Tekst sütünini (ýazgyny) ***Вставка→Надпись*** arkaly dörediň, soňra ony slaýda çekiň.
2. ***Главная*** menýuda ***Маркеры***  ***guralyny*** basyp, sanawy düzmeklige başlaň.
3. Sanawyň häsiýetlerini üýtgetmek zerurlygynda gurallar panelinde ***Маркеры*** guralyny alanyňyzda aşakdaky menýu çykar.




Çykan menýunyň kömegi bilen markeriň suratlaryny (şekillerini) islegimize görä üýthedip bilýäris.
С помощью вышедшего меню, можно изменять иконки маркеров по усмотрению.

***Список*** menýusynda ***Маркированный*** bölüm bolup, ol ýerde:




- ***markiriowkanyň görnüşini*** saýlap bolýar;
- ***markiriowkanyň ölçegini*** üýtgedip bolýar;
- ***markiriowkanyň reňkini*** üýtgedip bolýar;
- markirowka hökmünde dürli-dürli surat goýup bolýar;
- ähli işden soňra ***OK*** basyň
- sanawa ýene goşmak üçin ***Enter*** basyň.

## *Sanly sanawy döretmek markerli sanawy döretmek ýaly bolup ol aşakdaky görnüşde şekillendirilýär …*

1. Tekst sütünini (ýazgyny) ***Вставка→Надпись*** arkaly dörediň, soňra ony slaýda çekiň;
2. ***Главная*** menýuda ***Маркеры***  ***guralyny*** basyp, sanawy düzmeklige başlaň.
3. Sanawyň häsiýetlerini üýtgetmek zerurlygynda gurallar panelinde ***Нумерованный*** guralyny alanyňyzda aşakdaky menýu çykar:

***Список*** menýusynda ***Нумерованный*** bölüm bolup, ol ýerde:




- ***sanly sanawyň görnüşini*** saýlap bolýar;
- ***sanly sanawyň ölçegini*** üýtgedip bolýar;
- ***sanly sanawyň reňkini*** üýtgedip bolýar;
- ***Начать с*** bölümde sanawyň başlanýan san tertibbini giriziň
- ähli işden soňra ***OK*** basyň
- sanawa ýene goşmak üçin ***Enter*** basyň.

## *Ýatlatmak üçin belligi goşmak*

Ýatlatmak – slaýd döredilen wagty oňaýly guraldyr. Siz bellikleri goşup bilersiňiz, mysal üçin, siz slaýdy gutarmazdan birden gitmeli bolsaňyz, slaýd bilen bagly bellikleri ýatdan çykarar öýtseňiz, onda bu barad bellik goýmak mümkinçiligi bar. Şonuň üçin bellik goýuň we gaýgylanmaň. Bellik goýmak üçin slaýdyň aşagyndaky bellikler äpişgesine geçip, belligi goşuň.




## *Prezentasiýa wideo ýa-da saz faýlyny goşmak*

1. Aşakdaky amallary ýerine ýetiriň …
   a. ***Вставка→Фильм→Вставка фильма*** – wideo faýlyny goşmak üçin;
   b. ***Вставка→Фильмы и звук→Вставка звука*** – saz faýlyny goşmak üçin;
   c. ***Вставка фильма / Вставка звука*** çykan menýuda zerur faýly saýlaň we ***Открыть*** düwmesini basyň;



2. Soňra sizden **«Goýan wideo/saz faýlyňyzyň awtomat usulda aýdylmagyny isleýäňizmi?» «Хотите ли вы чтобы ваш видео ролик / ваш звук проигрывался автоматически?»** diýlip soralar, eger **«ýok»** jogap bolsa, onda ollary elden dolandyrmak bolar.

---

**Soraglar:**
1. Markerlenen we sanly sanawyň dörediliş döwrüni düşündiriň.
2. Markerlenen we sanly sanawyň reňkini nädip üýtgetmeli?
3. Sütüniň ululygyny nädip üýtgetmeli?
4. Bellikleri goýmak döwrüni düşündiriň.
5. Öz prezentasiýaňyza wideo/saz faýlyny goýmak döwrüni düşündiriň.

**Amaly ýumuşlar:**
1. Öň döreden slaýdyňyzyň 2-nji slaýdynda markerlenilen sanawy dörediň.
2. Sütünde «PowerPoint – elektron prezentasiýalary döretmek üçin programmadyr» diýen sütüni (ýazgyny) goşuň, sözlemiň ululygyny 16 ediň, ony has gara we ortadan deňleşdiriň.
3. 2-nji slaýda bellik goşuň.
4. 3-nji slaýda soňra elden dolandyrylýan saz faýlyny goşuň.

---

# VII. Reňkleriň paýlanylyşynyň çyzgysy.

Bu bölümde siz slaýdlaryň düşeginiň hemmesini umumy treňk bilen reňklemekligi öwrenersiňiz. Reňk berenimizde täze prezentasiýa döredilende ýa-da eýýam döredilen prezentasiýa, onuň ähli slaýdlaryny reňklemek geçiriler.

## *Reňk çyzgysyny bellemek*

1. ***Дизайн*** menýusy
2. ***Дизайн*** menýusynda **(**sag tarapdan emele geler) ***Reňkler (Цвета)*** bölümini saýlaň.




***3.*** Teklip edilýän ýa-da reňkleri ***Создать новые цвета темы*** buýrugyny berip, özbaşdak saýlaň**.**
   a. Reňkleri özbaşdak saýlanymyzda, aşakdaky bölümler boýunça menýu çykar:
      - ***Текст/фон -*** темный 1
      - ***Текст/фон -*** светлый 1
      - ***Текст/фон -*** темный 2
      - ***Текст/фон -*** светлый 2
      - ***Акцент 1***
      - ***Акцент 2***
      - ***Акцент 3***
      - ***Акцент 4***
      - ***Акцент 5***
      - ***Акцент 6***

- ***Гиперссылка***
- ***Просмотренная гиперссылка***




Reňki üýtgetmek üçin gerek bölümde zerur reňki e  saýlaň. Reňklemekligi gutarandan soňra ***Сохранить*** düwmesini basyň.

### *Slaýdyň düşegini bellemek*

Slaýdyň düşegini ***Дизайн*** menýusyndaky taýar reňklerden ýa-a düşegiň reňklerini üýtgedip elde özbaşdak ýasap bilersiňiz.

1. ***Дизайн→ Стили фона → Формат фона*** menýu**.**
2. ***Формат фона*** diýen menýuda strelakalary basmak arkaly bölümleri saýlaň:
   - ***Reňklemek (Заливка)***
   - **Сплошная заливка** – düşegi dolulygyna bir reňk bilen reňkleýär we düşege görünmeklik derejesini (прозрачность) belleýär;
   - **Градиентная заливка** – birinji, ikinji, üçünji… nokatlaryny (düşegiň böleklerini) kesgitlemek bilen olar boýunça dürli-dürli reňk bilen öwsüp duran görnüşde reňkleýär;
   - **Рисунок или текстура** – düşegi surat ýa-da şekil bilen doldurmak;
   - ***Surat (Рисунок)***
     - Перекрасить – suradyň reňkini gaýtadan reňklemek
     - Яркость - suradyň ýagtylygyny üýtgetmek
     - Контрастность - suradyň kontrastlylygyny üýtgetmek
3. ähli işden soňra we effektleri görmek üçin ***Сохранить*** düwmesini basyň.

**Soraglar:**

1. Reňkleriň çyzgysy arkaly slaýdy bezemek işini düşündiriň.
2. Reňkler çyzgysy nirde ýerleşen.
3. Slaýdyň düşegini nädip ýüklemeli?

**Amaly işler:**

1. Öň döreden prezentasiýaňyzda tekti we çyzyklary gök reňk, sözbaşyny gyzyl reňk bilen rekläň we oňa görkeziliş ýagdaýynda serediň.
2. Slaýdyň düşeginiň reňkini ýaşyl reňk bilen rekläň we oňa görkeziliş ýagdaýynda serediň.

---

## VIII. Çyzgy (grafik) bölekler bilen işlemek:

Bu bölümde dürli-dürli geometrik şekilleri çyzyp, taýar çyzgy şekillerini, ***WordArt*** toparyndan tekstleri ***ClipArt*** toparyndan suratlary we ş.m. goýup öwrenersiňiz. Şeýle-de şekilleriň, obýektleriň düşeginiň reňklerini goýup öwrenersiňiz. Olaryň islendigini goýanymyzda, ***Формат*** menýusyna girýaris.




1 2 3 4 5

***Формат*** menýusy bäş sany esasy bölümlerden ybarat:

1. ***Вставить фигуры*** **–** geometrik jisimleri (üçburçluklary, dörtburçluklary, tőwerekleri, ellipsleri, strelkalary we ş.m.) we ýazgylary goýmak.
2. ***Стили фигур*** **–** jisimleriň stilini üýtgetmek:
   a. **Вставка рамок –** dürli görnüşli çyzyklar bilen araçäklenen araçäkleri goýmak**;**
   b. **Заливка фигуры** – reňk, gradiýent we tekstura bilen guýmak;
   c. **Контур фигуры –** daşyny gurşap alýan çyzyklara, ştrihlere (birli, punktirli, ikili we olaryň ahyrynda goýulýan strelkalara) galyňlyk bellemek.
   d. **Эффекты для фигур** – figuralara taýar görnüşde, kölegeler, serpikmeler (sudurlar), ýagtylandyrmalar, ýagtylandyrmalar, ýylmalamalar (сглаживание) görnüşinde effektleri bellemeklik. Şeýle-de bu bölümde göwrümli jisimlere aýlawlary hem berip bolar.
3. **Стили *WordArt* –*WordArt*** *ýazgylarynyň stilini üýtgetmek.*
   a. **Stilleriň** giň görnüşleri;
   b. **Teksti reňk bilen reňklemek**.
   c. **Контур текста** – reňkleriň görnüşleri, galyňlyk we ştrihowkanyň görnüşleri boýunça tekstiň harplaryna gönüden-göni araçäkleri belläp bolýar.
4. **Упорядочить –** bölekleri tertipleşdirmek. Eger iki we ondan köp gatlaklary ulananymyzda olary biri-biriniň üstüne goýmaly bolýar. Mysal üçin: gök üçburçluk sary dörtburçlugyň üstünde, mämişi romb bolsa, üçburçlugyň üstünde ýerleşýär. Munuň üçin şu menýunyň buýruklaryny ulanýarys:



   a. **На передний план** – bellenilen şekili öňe geçirýär;
   b. **На задний план** – bellenilen şekili yza geçirýär;
   c. **Область выделения –** mislendik şekili aňsatlyk bilen belläp bolar;
   d. **Выровнять –**bellenilen şekili şertler boýunça (çepden we sagdan, ortadan, aşakdan we ýokardan) deňleşdirýär.
   e. **Группировать** – bu amalyň kömegi bilen şekilleri toparlap, olary bir bitin şekile jemläp bolar. Bu olar bilen süýşirmek, bir ýerden başga bir ýere göçürmek ýaly işleri ýeňilleşdirýär. Ýagny olaryň birine üýtgeşme girizenimizde bu üýtgeşmeler toparyň iüindäki ähli şekilleriň hemmesine hem degişli bolýar. Toparalamany ýerine ýetirmek üçin syçanjygyň kömegi bilen *Shift* düwesini basyp, ony saklap toparlanmaly ähli şekilleri belleýäris. Soňra buýrugyny ***Группировать*** berýäris. Şekilleri topardan çykarmak üçin şekilleriň birini belleýäris we menýudan ***Разгруппировать*** düwmesini basýarys.
   f. **Повернуть –** bu buýrugyň kömegi bilen şekilleri **X** ýa-da **Y** oklar boýunça aýlaýap we tersine dündermek bolar.



5. **Размер –** goýulýan şekilleriň ululygyny millimetr takyklykda kesgitläp bolar.

## *Kompýuteriň huşuna öndüriji zawod tarapyndan goýlan suratlary goşmak.*




Aşakdaky düzgüni ulanyp, ***ClipArt suratlar ýygyndysynda*** ýerleşen suratlary goýup bilersiňiz.

1. Ilki bilen buýrugyny ***Вставка → Клип …*** beriň.
2. Klip panelinde diýen ***Искать*** ýerde suradymyz bilen bagly umumy sözi (biziň mysalymyzda bu söz «tebigat») ýazýarys we **Начать** düwmesini basýarys.
   - ***Просматривать*** sanawynda gözlegiň ýerini belleýäris, bu ýerler Моя коллекция, Коллекция Офис или Веб коллекция bolup biler;
   - ***Искать объекты*** sanawynda faýllaryň görnüşlerini: grafiki, surat alýanda düşürilen

suratlar, elde çekilen suratlar, wideo we audio faýllar. указать тип файлов: графические, фотографии, видео или аудио;
3. Göwnüňize ýaran suradyň üstünden basyň welin, ol dessine monitoryň ýüzünde duran slaýda geçer.

## *Surady faýldan goýmak.*

Aşakdaky amallary ýerine ýetirip, siz surady faýldan goýup bilersiňiz.
1. Ilki bilen buýrugyny ***Вставка* → *Рисунок* → *Из файла*** beriň.
2. Ýüze çykan ***Добавление рисунка*** äpişgede saýlap alan suratly faýlyňyzy görkeziň.
3. Soňra **Вставить** düwmesini basyň.




## *Göwrümli WordArt teksti goýmak.*

Aşakdaky amallary ýerine ýetirip, siz **göwrümli *WordArt* tekstini** goýup bilersiňiz.
Göwrümli WordArt tekstiniň ýönekeý tekstden şu aýratynlyklary bar: **Birinjiden** onuň ululygyny islendik tarapda inine ýa-da uzynlygyna ulaldyp bolar. **Ikinjiden** reňkleri ýeke bir harplaryň özüne däl-de eýsem, harplaryň araçäklerine hem berip bolýar.

Ilki bilen ***Вставка* → *WordArt*** buýrugyny beriň***.***
1. Çykan menýuda ***WordArt ýygyndysyndan*** stili saýlaň we ony basyň.




2. Harplaryň stilini ssaýlanyzyzdan soňra, bir dörtburçluk çykar, onuň içine tekstiňizi ýazyň




3. Eger onuň häsiýetlerini üýtgetmek isleseňiz, onda teksti ýazanyňyzdan soňra, ***WordArt paneliniň*** kömegi bilen amala aşyryp bilersiňiz.

**Soraglar:**

1. Haýsy paneliň kömegi bilen dürli-dürli jisimleri çyzyp we suratlary, şekilleri goýup bolar?
2. Kompýuteriň huşunda goýlan şekilleri goýmak işini düşündiriň.
3. Faýldaky surady slaýda nädip goýup bolýar?
4. ***WordArt*** effektli göwrümli teksti nädip goýup bolar?

**Amaly ýumuşlar:**

1. Öz prezentasiýaňyzyň 3-nji slaýdyna kompýuteriň huşundaky suratlary goýuň we olary sütüniň ortasyndan deňleşdiriň.
2. 4-nji slaýda faýldan («Мои документы» - «Мои рисунки») surat goýuň.
3. WordArt effektli teksti goýmak arkaly 2-nji slaýdda "Men prezentasiýa düzüp bilýärin" diýen sözlemi ýazyň.
4. Sütünde täze slaýd drediň. "Slaýdyň sözbaşy" diýen sütünde "Meniň fotokollažym" diýen sözlemi ýazyň. 2-nji sütüne Kompýuteriň huşundaky surady goşuň.

---

# IX. Slaýda ýörite effektleri goşmak:

Siziň prezentasiýaňyzyň resminamalary ýönekeý görmekden tapawutlanar ýaly, slaýdda ýerleşýän ähli şekillere animasiýany, ýagny olaryň ekrana täsirli gelmeginiň birikdirilmekligi ýaly guraly PowerPoint programmasyna girizilen.

## *Düwmeleriň goýulmagy*

Prezentasiýa görkezilip duran mahaly slaýdlaryň arasynda hereket etmek üçin düwmeleri basyň.

1. Ilki şu ýol bilen gidiň **Вставка→Фигуры→Управляющие кнопки**;
2. Menýudan düwmeleriň birini basyň: ***Домой*** (birinji sahypa geçýär), ***Справка*** (kömek), ***Далее*** (indiki slaýda geçmek), ***Назад*** (ondan öňki sahypa geçmek), ***Звук*** (sazy diňlemek), we ş.m.




3. Amalyňyzy saýlaň we syçanyň kömegi bilen slaýdda düwme çekiň. Ondan soňra öňüňizde ***Настройка действия*** atly äpişge çykar.
4. Düwmäniň ýerine ýetirmeli işini syçanjygyň işine ýagny, ***Syçanjygyň düwmesini basandan (По щелчку мыши)*** we ***Syçanjygyň görkezijisini düwmä getirenden (По наведении указателя мыши)*** belleýäris.
   - ***Перейти по гиперссылке*** – haýsy slaýda ýa-da dokumente salgylanmaly;
   - ***Запуск програмы*** – haýsy programma işläp başlamaly;
   - ***Звук*** – haýsy saz faýly diňlenilmeli;

## *Şekillere animasiýany goşmak*

1. Şekilleri belläň
2. **Анимация →Настройки анимации** ýerine ýetiriň;
3. **Добавить эффект** düwmesini basyň.

4. Animasiýanyň görnüşini saýlaň: Выберите тип анимации: **Вход** (giriş), **Выделение** (slaýddaky şekillerden tapawutlandyrylmagy), **Выход** (çykyp gitmegi) ýa-da **Пути перемещения** (bellän çyzygyňyz boýunça hereket etmegi).




## *Slaýdlaryň arasyndaky geçişlerde animasiýany goşmak (Slide Transitions)*

1. **Анимация →Смена слайдов** diýen menýu giriň.
2. **Анимация** panelinde aşakdaky bölüm bar*:*




- ***Звук*** – sanawdan sesi ýa-da öz sazyňyzy goýmak;
- ***Скорость переход - haýal (медленно), orta (средне) we çalt*** (***быстро)*** arkaly effektiň prezentasiýa görkezilýän döwründe tizligini bellemek;
- Geçişi - ***Syçanjygy basandan (По щелчку)*** ýa-da ***Awtomat ýagdaýda (kesgitlenen wagtdan) Автоматически после (через установленное время).***

3. Şu effekti ähli slaýdlara bellejek bolsak, onda **Применить ко всем слайдам** düwmesini basýarys ýa-da paneli ýapýarys.

## *Prezentasiýalaryň görkezilişini düzmek.*




Ilki bilen Сначала выполните команду ***Office düwmesi → Параметры PowerPoint***, для того чтобы отобразить окно диалога настроек, затем перейдите на закладку ***Дополнительно,*** отметьте галочкой те параметры, которые вы считаете нужными.

**Soraglar:**

1. “Animasiýany çagyrmak” amalyny nirden çagyrmaly?
2. Siz animasiýanyň haýsy görnüşlerini biilýärsiňiz?
3. Slaýddan slaýda geçen mahaly geçelgä animasiýany goýmagy düşündiriň.
4. Slaýdlaryň geçişiniň nähili iki görnüşini bolýärsiňiz?
5. Prezentasiýalary görkezmegiň düzülmek işini düşündiriň.

**Amaly ýumuşlar:**

1. Öň döreden slaýdyňyzy açyň we 2-nji slaýddaky “Men prezentasiýa düzüp bilýärin” diýen sözleme “çykyp gitmek” animasiýasyny goşuň.
2. 4-nji slaýddaky şekile “slaýddaky şekillerden tapawutlandyrylmagy” effektini belläň.
3. Slaýdlaryň geçen döwründe “syçanjygyň basylmagy täsirinde“ bolan animasiýany goşuň.
4. Meniň fotokollažym” diýen sözleme “çykyp gitmek” effektini, 1-nji we 2-nji suratlara “giriş” we “çykyş” effektlerini goşuň.